SUNGAT WE ÝAŞLAR

MAÝA KULYÝEWA ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI KONSERWATORIÝASYNYŇ TALYPLAR GAZETI

Gazet 2019-njy ýylyň 25-nji noýabryndan bäri çykýar. № 3 (26) maý-iýun 2024ý. E-mail: tnconservatory @gmail.com

## YLYMLY ÝAŞLAR BILEN BAGTYÝAR DÖWÜR

Asuda asmanyň astynda, parahat zeminiň üstünde "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda ýurdumuzyň her bir güni toý baýramlara, taryhy senelere beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumuzyň ähli künjeklerinde uly ösüşler gazanylýar.

Ýurdumyzda ýaşlara uly ynam bildirilip, olaryň ösüş ýollary üçin aýratyn üns berilýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda ýaşlaryň ylmy-döredijilik işlerine höweslenmegine, döwrümiziň ösüşine mynasyp goşant goşmagyna biz – ýaşlara şertdir mümkinçilikler döredilýär. Mähriban Arkadagymyzyň "Ile döwlet geler bolsa..." atly ajaýyp eserinde: "Türkmen halkynyň aýdym-saz mirasy köpdürli özbolușly gatlaklaryň we ugurlaryň ajaýyp öwüşgini, aýdym-saz görnüşleriniň we ýerine ýetirijilik usullarynyň täsin sazlaşygy bolup durýar" diýilýär. "Bagşyly il – bagtly il" diýilişi ýaly, nirede bagşy sazanda köp bolsa, şol ýurt döwletli döwranlydyr.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar gurmasynyň Merkezi Geňeşi bilen bilelikde her ýyl geçirilýän türkmen ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça bäsleşigiň "Ynsanperwer ylymlary" ugrunda Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyplarynyň ýeňiji bolmagy Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň uly ynamyndandyr. 2019-njy ýylda "Dutar ýasamak senetçiligi, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungaty ÝUNESKO-nyň Adamzadynyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi türkmen halky üçin uly taryhy wakalarynyň biri bolupdy. Şonuň esasynda bolsa Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň "Kompozisiýa, saz öwreniş we fortepiano" fakultetiniň III ýyl talyby Humaý Amanowanyň, sungaty öwreniş ylymlarynyň kandidaty Jemile Gurbanowanyň ýolbaşçylygynda "Ýusup-Ahmet" dessanynyň aýdymlary Ilaman Annaýewiň we Gurt Ýakubowyň ýerine ýetirmeginde" atly ylmy işi boýunça I orna mynasyp bolmagy we





"Sazyň taryhy" kafedrasynyň uly mugallymy Röwşen Muhammedowyň ýolbaşçylygynda "Gurt Ýakubowyň ýerine ýetirmeginde Hatamtaý dessany" atly dessançylyk bilen baglanyşykly ylmy işi bilen "Kompozisiýa, saz öwreniş we fortepiano" fakultetiniň III ýyl talyby Mähri Gurbangulyýewa III orna mynasyp boldy. Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň "Sazyň taryhy" kafedrasynyň uly mugallymy Gülbahar Ýazmämmedowanyň ylmy ýolbaşçylygynda "Orkestr saz gurallary" fakultetiniň IV ýyl talyby Döwran Gylyjowyň "Türkmen kompozitorlarynyň döredijiliginde aýdym žanrynyň görnüşleri" atly ylmy işidir. Ýaş talybyň ylmy işi III orna mynasyp görüldi.



Biz Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýaş talyplary bolup, bu ajaýyp sylaglara diýseň begenýäris, buýsanýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bize şeýle ajaýyp sowgatlaryny bermegi aýratyn hem Hormatly Prezidentimiziň "Ýaşlar – Watanyň daýanjy" atly ilkinji kitabynyň berilmegi, biz ýaşlary sungat älemine, döredijilik ýoluna has hem iterdi.

Biz – ýaşlara uly ynam bildirýän Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň peder ýoluny dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik bolsun, il-ýurt bähbitli, adamzat ähmiýetli beýik tutumly işleri elmydama rowana menzillerde rowaçlyklara beslensin.



Humaý AMANOWA,
"Sazşynaslyk" hünäriniň
III ýyl talyby.

## Dost-doganlyk gatnaşygy



Ýakynda Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň we medeni-seýilgäh toplumynyň şowhunly açylyş dabarasyna gatnaşmak üçin gelen daşary ýurtly myhmanlaryň biri Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretarynyň orunbasary Saad Han Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasyna gelip gördi. Myhman ilki bilen Türkmenistanyň Gahrymany Maýa Kulyýewanyň muzeýine baryp, halypanyň muzeýiniň döredilenligi hakyndaky täsin gürrüňleri diňledi, şeýle hem suratlardyr döwlet sylaglary bilen halypa aýdymçynyň döredijilik ýoly bilen içgin tanyşdy. Soňra şol ýerde Türkmenistanyň halk artisti Şemşat Hojaýewanyň ýolbaşçylyk etmegindäki "Gyzlar bagşylar" toparynyň ýerine ýetirmeginde akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň goşgusyna döredilen "Türkmeniň" atly aýdymyna, konserwatoriýanyň 2-nji ýyl talyby Berdimuhammet Atabaýewiň ýerine ýetirmeginde "Şasenem-Garyp" dessanyndan bir parça tomaşa etdi. Çykyşdan soňra şol ýerde bilelikde ýadygärlik surata düşdiler.



Myhman gezelenjiň barşynda konserwatoriýanyň kiçi konsert zalynda mugallym Arzygül Gylyjowanyň ýerine ýetirmeginde "Şasenem-Garyp" operasyndan Şasenemiň ejesine ýalbarmasyny, mugallym Aýbölek Muhyýewanyň skripkada ussatlyk bilen ýerine ýetirmeginde A. Şapoşnikowyň "Türkmen tansy", konserwatoriýanyň 3-nji ýyl talyby Çaryýar Ataberdiýewiň fortepianoda ýerine ýetirmeginde Baýramdurdy Hudaýnazarowyň "Tokkata" eserine tomaşa etdi. Soňra myhman konserwatoriýanyň uly konsert zalyna baryp, koserwatoriýanyň uly mugallymy Türkmenistanyň at gazanan artisti Omar Igamowyň ýolbaşçylygyndaky halk saz gurallary orkestriniň çykyşyna tomaşa etdi. orkestriň sazandarlyk etmeginde, konserwatoriýanyň 5-nji ýyl talyby Jumageldi Aliýewiň dutar saz guralynda ýerine ýetirmeginde, Gurban Kulyýewiň we Sapar Mämiýewiň "Türkmen temalaryna fantaziýa", Amannazar Arslanowyň fortepianoda ussatlyk bilen çalmagynda Gurban Kulyýewiň konsert poemasy, 5-nji ýyl talyby Azat Bazarowyň aýdym aýtmagynda Nury Halmämmedowyň "Duran ýerleri" atly aýdymy ýaňlandy.

Dabaranyň ahyrynda talyp ýaşlar bilen ýadygärlik surata düşen myhman: "Men bu ýere gelip gowy dynç aldym, konsertde birnäçe sazlary diňläp lezzet aldym" diýip ýerine ýetirijilere öziniň ýokary bahasyny bermegi ýaşlary bu ugrada ýene-de öňegidişliklere ýetmegine ruhlandyrdy.



Öwezmyrat JANMYRADOW,
"Sazşynaslyk" hünäriniň
talyby

SUNGAT WE ÝAŞLAR



# Mihail Iwanowiç Glinkanyň 220 ýyllygyna

“Öňümizde çynlakaý wezipe bar. Öz stiliňizi ösdüriň we rus aýdym-sazy üçin täze ýol açyň.” - diýip Glinka aýdyp geçýär.

Rus aýdym-sazynyň tankytçysy, arhiwçi we kitaphon Wladimir Stasow “Sungatyň taryhy we kompozitorlar” atly kitabynda:

“Glinka... döwrüň zerurlyklaryna we halkyň düýp manysyna şeýle bir derejede laýyk gelýärdi welin, başlan işi gysga wagtyň içinde gülläp ösüpdir” diýip belläp geçýär. M.Glinkanyň şahsyýetinde rus aýdym-saz medeniýeti ilkinji gezek dünýä ähmiýetli kompozitor hödürledi. Rus halk we professional aýdym-sazyň köp asyrlyk däplerine, Ýewropa sungatynyň gazananlaryna we tejribesine daýanýan Glinka XIX asyrda ýeňiş gazanan milli kompozisiýa mekdebini döretmek işini tamamlady. Ol Ýewropa medeniýetinde öňdebaryjy ýerlerden biri bolan ilkinji rus nusgawy kompozitory boldy. Glinka öz işinde döwrüň ösen ideologiki isleglerini beýan etdi. Onuň eserlerinde watançylyk we halka bolan ynam ideýalary bar. A.S.Puşkin ýaly Glinka durmuşyň gözelligini, akylyň, ýagşylygyň we adalatyň ýeňşini aýtdy. Ol şeýle bir sazlaşykly we owadan bir sungat döretdi. Kompozitoryň şahsyýetine nämе täsir etdi?

Glinka bu barada ýatlama edebiýatyň ajaýyp nusgasy bolan notalarynda ýazýar. Rus aýdymlaryny çagalykdaky esasy täsirler diýip atlandyrýar, soň bolsa ilkinji nobatda rus halk aýdym-sazyny ösdürip başlamagymyň ilkinji sebäbi boldy. Şeýle hem daýysynyň orkestrinde Glinka oglan wagty tüýdük we skripka çalýardy we ulaldykça ony alyp bardy. Jaňlaryň ýaňlanmagy we ybadathana aýdymlary onuň janly şahyrana lezzetini doldurdy. Ýaş Glinka akyllylygy we baý hyýallygy bilen tapawutlanýardy.

Glinka fortepiano sapaklaryny J.Fildadan, soň bolsa Ş.Maýeradan aýdym aýtmagy we skripka çalmagy öwrendi. Ol köplenç teatrlara baryp görýärdi, aýdym-saz agşamlaryna gatnaşýardy. Doganlary Wiýelgorskiý A. Warlamow bilen dört elli saz çalýardy romantiki, insturmental sazlaryny düzýärdi.

Kompozitora Kawkaza (1823), Italiýa, Awstriýa we Germaniýa eden syýahatlary ajaýyp täsirleri beripdir. Glinka Italiýa syýahaty döwründe W.Bellini, D.Donisetti we F.Mendelson bilen dostlaşypdyr. Ýaş kompozitor sazyň inçe taryhyny çynlakaý we içgin öwrenmekde belli saz nazaryýetçi mugallym Z.Denadan aýdym-saz bilimini alypdyr we Berlinde okuwyny tamamlapdyr.

Glinkada milli aýdym-saz ideýasy has aýdyňlaşdy we rus operasyny döretmek niýeti ýüze çykdy. Bu meýilnama Peterburga gaýdyp gelenden soň amala aşyryldy. 1836-njy ýylda “Iwan Susanin” operasyny tamamlady. Gahrymançylyk pikiri, Glinka tarapyndan rus aýdymynyň baý däplerine esaslanýan milli sungata mahsus görnüşlerinde öz beýanyny tapdy.



1836-njy ýylyň 27-nji noýabrynda operanyň görkezilişi rus medeniýetiniň öňdebaryjy şahsyýetleri tarapyndan möhüm waka hökmünde kabul edildi. Odoýewskiý: “Glinkanyň operasy bilen sungatda täze alty element we rus aýdym-saz taryhynda täze döwür başlaýar” diýip ýazýar. Opera ruslar, soň bolsa daşary ýurtly ýazyjylar we tankytçylar tarapyndan ýokary baha berildi.Üstünlik kompozitory ruhlandyrdy. Kompozitor Iwan-Susaniniň premýerasyndan soň dessine “Ruslan we Lýudmila” operasynyň (Puşkiniň goşgusynyň sýužetine esaslanyp) işe başlady.

Glinkanyň aýdymçy we wokal mugallymy hökmünde alyp barýan işleri şol döwürden başlaýar. Kompozitor sesi gowulaşdyrmak üçin birnäçe gönükmeler ýazýar. Onuň okuwçylary: S.Gulak-Artemowskiý, D.Lewonowa we başgalar.

1842-nji ýylyň 27-nji noýabrynda “Ruslan we Lýudmila” operasynyň görkezilişi bolýar. Imperiýa maşgalasynyň ýolbaşçylygyndaky aristokratik jemgyýet operany duşmançylyk bilen garşy alýar.

Glinka birnäçe ýyl daşary ýurtda (1844-1845ý Parižde, 1845—1847ý Ispaniýada) bolýar. Ol Ispanýada bolan döwründe ýörite ispan dilini öwrenipdir. Parižde Glinkanyň eserleriniň konserti uly üstünlik bilen geçirilipdir. Ispaniýada bolan döwründe: “Aragon hota” we “Madridde tomus gijesiniň dikeldilmegi” atly 2 sany simfoniki eser döredipdir. 1848- nji ýylda Glinkanyň meşhur “Kamerinskaýa” eseri peýda bolupdyr.

Kompozitoryň pikirleri rus aýdym-sazynyň ösmeginde uly orun tutupdyr. Glinka geljek nesillere bahasyna ýetip bolmajak dürdäne eserleri ýadygärlik goýup gitdi.



Miýassar ULJAÝEWA,
Sazşynaslyk hünäriniň
I ýyl talyby.

# Kitap ynsanyň ýoly




Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow okyjylaryň çuňňur söýgüsine mynasyp bolan “Ömrümiň manysynyň dowamaty” atly kitabynda kitap barada şeýle belläp geçýär:

“Kitap okamagyň haýry-peýdasy örän köp. Okadygyňça, kitaba bolan höwesiň artar. Pikirleriň durlanar, zehiniň ýiteler, diliň açylar, sözleriň täsirli ýaňlanar, göwnüň göteriler, göwrümiň giňär. Kitap okamak saňa halk hormatyny, hökümdarlaryň dostlugyny bagyş eder. Sen adamlaryň dilinden bir ömürde öwrenip bilmejek zatlaryňy kitapdan bir aýda öwrenip bilýärsiň. Sen muny hiç hili zyýan görmezden, artykmaç muşakgat çekmezden, öwretmek bilen gün görýän öwredijileriň, hakyna tutulan mugallymlaryň gapysyny kakmazdan, arassa gylyk-häsiýet we asylly nesil-nebere babatda deňiňçe ýoklar bilen köňül söhbedini etmezden, halamaýanlaryň bilen oturyp-turuşmazdan gazanyp bilýärsiň”.





Dünýäniň ähli halklary gadymy döwürlerden bäri kitaba uly hormat goýup, olary gorap, genji-hazyna öwrüp, ýaşaýşyň manysy hasaplapdyrlar. Türkmen halky hem gadymdan gelýän kitaplary öz eliniň aýasynda göterip şu güne çenli saklap gelýär. Ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň “Kitap” atly hekaýasy hem muňa şaýatlyk edýär. Bu eser türkmeniň kitaba bolan hormat sarpasyny açyp görkezýär. Hekaýada eseriň baş gahrymany Welmyrat aga bir üýşmeleňde beýik türkmen akyldary Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny diňläp, kitabyň eýesine ýalbaryp, eklenjiniň, güzeranynyň gözbaşy bolan düýesini şol kitaba çalyşýar. Ol Pyragyň kitaby üçin öz düýesinden geçýär. Welmyrat aga sowatsyz, kitap okap bilmese-de, ol kitaby gymmatly baýlyk, hazyna hökmünde aýawly saklaýar. Rus ýazyjylary P. A. Pawlenko kitap barada: “Kitap – bu jemgyýetiň tejribesidir. Onlarça beýik kitabyň iki essesini okan, onlarçanyň iki essesini ýaşar” diýip belläp geçýär. Aleksandr Gersen bolsa: “Adamzadyň bar durmuşy yzygiderlilikde kitaba siňipdir: taýpalar, adamlar, döwletler ýitipdir, kitap bolsa galypdyr”. Biziň ata-babalarymyz hem kitap hakynda şeýle dana sözlere eýeripdirler: Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer. Okadym diýme, bildim diý. Bilmeýän zadyňy kitapdan sora. Okamadyk öküner, dil gysgadyr, sakynar.

Kitapda içi many-mazmunly sözler, suratlar we maglumatlar ýerleşdirilendir. Her bir kitap özünde aýratyn many saklaýar we her gezek adama täze zatlary öwredýär. Kitap adamzadyň söýgüsini gazanyp bilýän iň peýdaly hazynadyr. Okamak iňňe bilen guýy gazan ýalydyr, tutanýerlilik we sabyr talap edýär. Her bir okalan kitap bizi bir basgançak ýokary galdyrýar. Dünýäde hiç bir zat hemişelik däldir-baýlyk, gowy kär, dostluk, maşgala. Emma kitap okamagyň üsti bilen gazanylan bilim hiç haçan gitmeýär we ony hiç kim alyp bilmeýär.

Türkmenlerde “Köp okan, köp biler” diýen nakyl hem bar. Näçe köp okasaň, şonça-da üstünligiň ýoluna ädimläp ýakynlaşýarsyň we bir gün şol adamlaryň ýeten derejesine ýetmäge mümkinçilik gazanyp bilersiň. Adam boş wagtynda kitap okap, wagtyny dogry peýdalanmagy başarmalydyr. Kitap okamak endigini adam öz gün tertibinde ýola goýmalydyr. Şonda adamyň sowady güýçlener , aň-düşünjesi artar, pikiri çuňlaşar, pähim-paýhasly, terbiýeli bolar.



Ogulnur SULTANOWA,
Sazşynaslyk hünäriniň
II ýyl talyby.



# "OSKAR" BAÝRAGYNYŇ TARYHY





"Oskar" baýragy planetanyň iň abraýly kinematografiýa baýraklarynyň biri bolmak bilen, Amerikanyň Kino sungaty akademiýasy tarapyndan berilýär. Bu akademiýa 1927-nji ýylda Golliwudda Metro Goldwyn Maýer kinokompaniýasynyň şol döwürde tanymal prodýuseri bolan Luis Maýer tarapyndan esaslandyrylýar. Onuň ilkinji prezidenti Duglas Ferbenks bolýar. Şol ýylda hem Ferbenks kino dünýäsinde gazanylan üstünlikleri dabaraly gutlamak maksady bilen "Akademiýa baýragyny" döretmegi teklip edýär. Aradan wagt geçip 1939-njy ýylda baýrak "Oskar" adyna eýe bolýar.

Häzirki wagtda "Oskar" baýragy 24 nominasiýa boýunça gowşurylýar. Onuň "Kinofilmlere ýazylan iň gowy sazlar we aýdymlar" nominasiýasy 89 ýyl mundan ozal, ýagny 1935-nji ýylda döredilýär. Şol döwürden başlap häzirki güne çenli baýraga mynasyp bolan nominantlar hatarynda Maks Staýner, Erih Korngold, Gerbert Stothart, Alfred Nýuman, Bernard Herrmann, Reý Haýndorf, Mikloş Roža, Jorj Stoll, Hýugo Fridhofer, Morris Stoloff, Frans Waksman, Dmitriý Týomkin, Genri Mançini, Andre Prewin, Jon Edisson, Alan Menken, Jon Barri, Jerri Goldsmit, Dario Marianelli, Jon Uilýams, Stiwen Praýs, Hans Simmer, Lýudwig Ýoranson we başga-da birnäçe kompozitorlary aýtmak mümkin.

Olaryň arasynda ilkinji üçlüge girýän, Oskar baýragyna has köp sanda mynasyp bolan kompozitorlar Alfred Nýuman, Alan Menken, Jon Uilýamsdyr.



Alfred Nýuman
1900 - 1970

Alfred Nýuman saz sungatynyň taryhynda kino kompozitory, dirižýor, aranžirowkaçy, "20th Century Fox" kinokompaniýasynyň sazçylyk bölüminiň abraýly ýolbaşçysy hökmünde yz galdyran şahsyýetleriň biridir. Ol ömrüniň dowamynda ençeme kinofilmlere saz ýazýar. Bu sazlar kompozitoryň dünýä derejesinde meşhurlyk gazanmagynda we abraýly baýraklara mynasyp bolmagynda aýratyn ähmiýete eýedir.

Şunuň bilen baglylykda Alfred Nýuman 20 ýylyň içinde 45 gezek Oskar baýragyna nominant hökmünde saýlanýar. Olaryň 43-si kinofilmlere ýazylan iň gowy sazlar üçin, 2-si bolsa kinofilmlere ýazylan iň gowy aýdymlar üçindir. Şolardan 9 sanysy Oskar baýragyna mynasyp bolýar.

Kompozitor şeýle-de kino tomaşaçylar tarapyndan "20th Century Fox" kino kompaniýasynyň zastawkasy üçin her filmiň başynda ýaňlanýan häzirki günde hem ulanylýan meşhur fanfaranyň awtory hökmünde tanalýar.



Alan Menken
(1949)

Alfred Nýumandan soň Oskar baýragyny almakda ikinji ýerde durýan kompozitor Alan Menkendir. Alan Menken amerikan kompozitory, ençeme aýdymlaryň awtory, dirižýor, saz prodýuseridir. Ol "Walt Disney Animation Studios" tarapyndan hödürlenen ençeme filmleriň aýdymdyr sazlarynyň awtorydyr. Kompozitoryň "Русалочка" (1989), "Красавица и чудовище" (1991), "Аладдин" (1992), "Покахонтас" (1995) animasiýalara ýazan aýdymdyr sazlary oňa 8 gezek Oskar baýragyny gazandyrýar. Menken şeýle-de "Магазинчик ужасов" (1986), "Продавцы новостей" (1992), "Торбун из Нотр-Дама" (1996), "Геркулес" (1997), "Не бей копытом" (2004), "Зачарованная" (2007), "Рапунцель. Запутанная история" (2010) ýaly multfilmlere saz ýazýar.

Nominant hökmünde Alfred Nýumany hem geçen kompozitorlaryň biri Jon Uilýamsdyr. Ol amerikan kompozitory, dirižýor, kino äleminde üstünlik gazanan meşhur sungat adamlarynyň biridir. Kino älemindäki döredijilik işiniň dowamynda Uilýams "Как украсть миллион",



Jon Uilýams
(1932)

"Звёздные войны", "Индиана Джонс. В поисках утраченного ковчего", "Один дома", "Челюсти", "Супермен", "Инопланетянин", "Список Шиндлера", "Парк юрского периода", "Гарри Поттер" ýaly meşhur kinofilmlere, 4 sany Olimpiýa oýunlaryna, köpsanly teleseriallara, konsert nomerlerine saz döredýär.

Ol Oskar baýragyna 54 gezek nominant hökmünde saýlanýar we "Скрипач на крыше", "Челюсти", "Звёздные войны. Эпизод IV: Новая надежда", "Инопланетянин", "Список Шиндлера" ýaly filmlere ýazan kino sazlary üçin 5 gezek laureat bolýar.

Görşümiz ýaly, kompozitorlar Oskaryň taryhynda iň köp baýrak alan kompozitorlaryň ilkinji üçlügini emele getirýär.



**Jeýran JORAÝEWA,**
**Sazşynaslyk hünäriniň**
**III ýyl talyby.**

# Üýtgeşik binalar



## Hytaýdaky Pianino öýi

Hytaýyň Anhui welaýatynyň Huainan şäherinde adaty bolmadyk "Sazly" jaý iki bölekden ybaratdyr. Has takygy iki saz guralyndan skripka we fortepianodan ybarat. Bu üýtgeşik we ajaýyp binany "Tehnologiýa" uniwersitetiniň "Arhitektor" fakultetiniň talyplary tarabyndan oýlanyp 2007-nji ýylda doly gurulup boldy.

Pianino öýindäki skripkanyň şeklinde eskalator, pianino şekilinde bolsa sergi toplumy bar. Aç-açan we reňkli aýna bilen doly syrçaly fasadlar binanyň içinde iň ýokary ýagtylygy üpjün edýär. Gijelerine bina has täsirli bolup kontur boýunça neon turbalary bilen ýşyklandyrylýar.

## BALYK ÖÝI



Dünýäde balyk, haýwan we guş görnüşinde gyzykly jaýlar köp. Bularyň arasynda iň üýtgeşik we meşhurlyga eýe bolan Hindistandaky "Balyk" öýi hasaplanýar. Bina balyk şekilinde bolup içinde balyk hojalygyny ösdürmek boýunça milli geňeş bar. Bu bina 2012-nji ýylda guruldy we ony gurmak üçin üç million ýewro sarp edildi. Adaty bolmadyk bina syýahatçylaryň we jahankeşdeçileriň ünsüni özüne çekip, uly islege eýe bolýar. Binany synlamaga gelýän adamlar diňe onuň golaýynda surata düşmek bilen çäklenmän, eýsem içeri girmek hem isleýärler.



## "Çaý" muzeýi

Hytaýyň Guizhou welaýatynyň Meitang şäheri, sebitiň esasy hasylly bolan Hytaýyň ýaprakly çaýynyň doglan ýeri hasaplanýar. Bu "Çaý" muzeýi 2010-njy ýylda açyldy we şol ýyl Ginesiň rekordlar kitabyna girizildi. Hytaýyň oba hojalygynda çaý iň ýokary derejedäki önüm hasaplanýar. Bu binanyň beýikligi 73,8 metr, diametri 24 metr, içiniň göwrümi bolsa 5000 m2-dyr. Bina diňe muzeý dälde şol bir sanda myhmanhana bolup hem hyzat edýär.



**Altyn GURBANGULYÝEWA**
**Kirişli saz gurallary hünäriniň I ýyl talyby.**



## PYRAGY

Aýdym bolup siňdiň bugün kalbyma,
Şygyr äleminiň şasy Pyragy!
Gelejegiň sarsmaz binýady bolup,
Ýer ýüzüne baky dolduň Pyragy!

Uçursyz umman dek barlyk daragty,
Pähmiňden gülleýär açylyp bagty.
Mirasyň geljege saçyp dur ýagty,
Heňňamlara nusga bolduň Pyragy!

Zamanaň bakylyk bahary sende,
Ysgyň mizemejek säheri sende,
Köňülleň joşgunly ylhamy sende,
Döwran bilen döwre dolduň Pyragy.

Ganat ýaýyp galkýar munda türkmenim,
Paýhasyňdan mydam buýsançly serim.
Ýadaman adyňy gaýtalap telim,
Ömürlere höwür bolduň Pyragy!

Arkadagly Gahryman Serdar bilen,
"Eýýamyň ajaby"-geldi Pyragy!
"Bir suprada jem bolan"-iliň bilen,
Şygyrlaň ganatyn gerdi Pyragy!



**Keýik ARTYKOWA,**
**Saz mugallymçylygy hünäriniň IV ýyl talyby.**

## HOŞLAŞYK

Bu gün gelip derýa boýuna,
Syn etdim derýanyň tolkunlaryna.
Olar şeýle bir bat bilen gelip,
Derýaň kenaryndan çykjak bolşuna.

Derýam!
Mähriban derýam,
Aýtsana maňa!
Näme üçin kenara urýaň özüňi!
Dursana bir salym, jogap bersene
Ýa seniňem ýandymy janyň!?

Bu gün içim-içime sygdyryp bilmän,
Menem geldim derdleşmäge seň bilen.
Ýa ýüregiň syzdymy meniň derdimi,
Şol sebäpden özüňi urýaň kenara.

Bu gün men ýitirdim ilkinji söýgim,
Toý tutýar söýenim özgesi bilen.
Hany maňa beren sözi, hany wadasy?
Ýa unudaýdymy beren wadasyn.

Näme üçin ykbal, näme üçin beýle?!
Söýenleri aýyrýaň birek-birekden.
Näme üçin eý ykbal, näme üçin beýle.
Men nirede ýalňyşdym [illegible]

Indi men nädip ýaşaýyn onsuz,
Nädip unudaýyn aýtsana maňa!
Indi meniň bu ýaraly ýüregim,
Söýermikä indi özge ýüregi.

Her gün jaň ederdi halymy sorap
Her pursat tutardy meniň adymy
Her minut diýerdi "Söýýärin seni"
Indi ýat etmelimi ol geçenleri.

Öňler sen meniňdiň indi özgäňki.
Meňki saýardym hemişe seni.
Bu gün bolsa saňa ýeke arzuwym,
Ynjytma ýüregiň,
Ýykmagyn göwnüňi!

Bu gün bolsa nikalyga ýüz tutup,
Hoşlaşmaga geldim seniň ýanyňa.
Sag bol, sag bol meniň ilkinji söýgim,
Bagtly bol, bagtly et saýlan ýaryňy!

**Mähri Tekäýewa,**
**Aýdym sungaty hünäriniň I ýyl talyby.**

SUNGAT WE ÝAŞLAR



Biziň salgymyz:
744000 Türkmenistan, Aşgabat ş., 1984 köç., 22
Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasy
Tel: (+99312) 92-31-37, Faks (+99312) 92-36-11
Internet sahypamyz: tmk.nesil.edu.tm

Redaktor: Gülzada BAZAROWA
Kompýuterde bezän: Söhbet AŞYROW